# Ýene bir gezek dünýäniñ soñy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýene bir gezek dünýäniñ soñy ÝENE BIR GEZEK DÜNÝÄNIÑ SOÑY




*Dünýäniñ soñy umydymyzy, aklymyzy we işimizi ýitiren wagtymyzdyr. Yzda galanlaryñ bolsa bize dahylly ýeri ýok ýa-da şeýle bolmagy gerek*.
Geñsi pikirler we täsin fantaziýalar hernäçe mümkin däl hem-de intuitiw akyla uzak bolsalar-da, aýratynam heläkçilik wagtlarynda özlerine ýol, goldawçy we olary propogandirlejek mediýa tapýar.
Synaýjy uly uruşlar, ýok ediji gytçylyklar, weýran ediji tebigy heläkçilere, epidemiýa we pandemiýalar…
Şu agyr aýlarda gözýetimimizi gara bulutlar gaplap alan, ruhlarymyza gaýgy-gam we aljyraññylyk owuntyklaryny sepelän bir topar erbetlik biz adamlardan üstün çykdy.
Gürrüñi gidýän erbetlikler täze görnüşli koronawirus ýa-da Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyñ (uly üstünlik görkezip!) atlandyryşy ýaly Kovid-19 wirus ýokanjy bilen başlady.
Gorkunjyna öz-özünden gaçanlaryñ, çüñke gysylyp galan aljyraññylaryñ, ýeñilen sürgünleriñ, ýeñiş gazan söweşijileriñ arasynda wirus dünýäni çepbe çöwürdi.
Ony yzarlap, hekaýatyñ hakykylygyndan doly şübhelenenler bolsa özünde mantykly hiç zat görenoklar.
Meñ gözüme-hä, bular ýaly atmosferalarda howsala satyjylaryñ köpelendigi we täsin görnüşde käbirleriniñ adamlaryñ gursagyna

gaýgy-alada üflemekden we keýplerini gaçyrmakdan lezzet alýandyklary görünýär.
«The Sun» iňlis gazeti şu günlerde alymlaryň Günüň gyş ukusyna gitjegini aýdýandyklaryny çap etdi.
Alymlaryň pikiriçe bu ýagdaý Günüň petiklenmegine we energiýanyň minimum derejä düşmegine getirer.
«The Sun» gazeti munuň howanyň sowamagyna we ýer titremeleriniň bolmagyna sebäp boljakdygyny aýdýar.
Bu ýagdaýa «Grand Solar Minimum» (GSM) diýilýär we soňky gezek 1790-1830-njy ýyllarda bolup geçipdir.
Şol döwürde dünýäde mini buzluk döwri bolup geçipdir, hasyllar ýok bolandygy üçin gytçylyklar bolupdyr we güýçli wulkan atylmalary bolup geçipdir.
Gazet ondan öňem modern eýýamda dünýäniň soňy üçin berilen seneler boýunça täsin maglumat çap edipdi.
Bulardan biri-de radiogepleşikleri alyp baryjy we ýazyjy Garold Kempingiň 1992-nji ýylda çap edilen «1994» atly kitabydy.
Kemping kitabynda Isa pygamberiň (a.s.) 1994-nji ýylyň sentýabrynda ýer ýüzüne injekdigini öňe sürüpdi.
Emma modern döwürde dünýäniň soňy üçin berilen iň belli sene ikinji müňýyllygyň başlangyjy bolan 2000-nji ýyl bilen baglanyşykly teoriýady.
Muňa görä täze müň ýylyň başlamagyndan birnäçe sekuntlar geçen badyna kompýuter ulgamlary togtamalydy, bütin dünýäniň sistemasy çökmelidi, uruşlar we haoslar bolup geçmelidi.
2012-nji ýylyň dekabr aýynda mediýa bu gezek maýýa kalendaryna görä dünýäniň soňunyň gelendigi baradaky habarlar bilen çaýkanýardy.
Häzir bular ýaly habarlaryň ýa-ha modern «palçylaryň» ýa-da metbugatda öz ýerini alan Facebook, Twitter, WhatsApp toparlarynda paýlaşylýan täsin habarlaryň üsti bilen ýaýraýandygyny görýäris.
Yslam taryhynda-da wagtal-wagtal dünýäniň ahyrynyň ýakynlaşandygy hakdaky hususy çaklamalaryny ýa-da Mätiniň çykyşy bilen baglanyşykly edebiýaty gaýtalaýan birnäçe topar bolup geçipdir.

Şaýylar we batiniýe toparlary hernäçe bularyň başyny çekýänem bolsa, sünnileriň arasynda hem bular ýaly pikirleri öňe sürýänler az bolmandyr.
Ýeri gelende aýtsak, hijri 10-njy asyrda täze hijri müňýyllygynyň başlangyjyna ýakyn döwürde aradan çykan meşhur müsürli fakyh Jelaleddin Suýuti «Ymmatyň müň ýyllyk ýolunyň açylyşy» («El-Keşf-ü An Müjawezeti Hâzihi-l Ümmeti El-Elfe») atly ajaýyp traktat ýazypdy.
Bu traktatda Suýuti täze müňýyllygyň gelmegi bilen dünýäniň soňunyň gelendigi düşünjesini inkär edipdi.
Jemläp aýdanda, dünýäniň soňy umydymyzy, aklymyzy we işimizi ýitiren wagtymyzdyr. Yzda galanlaryň bolsa bize dahylly ýeri ýok ýa-da şeýle bolmagy gerek.

Mişari ZEÝDI.
Saud Arabystanly žurnalist.

19.05.2020 ý. Publisistika